**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2022-nji ýylyň 26-njy dekabryndaky № 106 buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№ 11-aragatnaşyk "Natural görnüşinde ýerine ýetirilen aragatnaşyk hyzmatlary barada hasabat" (çärýeklik) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

## GOLLANMA

№ 11-aragatnaşyk "Natural görnüşinde ýerine ýetirilen aragatnaşyk hyzmatlary barada hasabat" (çärýeklik) forma boýunça döwlet statistik hasabatyny Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň "Türkmenaragatnaşyk" agentligi we oňa degişli kärhanalary, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň "Türkmenaragatnaşyk" agentligi tarapyndan düzülýär we hasabat formanyň salgy böleginde görkezilen salgylara we bellenen möhletlerde tabşyrylýar. Hasabatda iberilýän tölegli alyş-çalyşyň möçberleri we umumy halkara poçta çalyşmasy (iberilýän, gelýän we üstaşyr) barada maglumatlar berilýär.

Iberilýän tölegli alyş-çalşy içerki we halkara poçta arkaly iberilýän tölegli, telegrammalaryň iberilýän tölegli alyş-çalyşynyň hakyky möçberleri barada maglumatlar görkezilýär, oňa elektron poçta aragatnaşygy, faksimil aragatnaşyklar, şäherara we halkara telefon gepleşikleri girýär (01-16 setirler).

Halkara poçta alyş-çalyşda, halkara poçtasynyň hakyky möçberleri barada maglumatlar berilýär. Hatlar iberilende hatlar, banderollar (17-24 setirler) we ýörite haltalar "H" boýunça (25-30 setirler) maglumatlar ýer üsti we howa ýol ulagy arkaly iberilýänlere bölmek bilen, iberilýän, gelýän we üstaşyr geçirilýänler boýunça aýratynlykda "kg" ölçeginde berilýär.

Ibermeler boýunça maglumatlar (31-38 setirler) ýer üsti we howa ýol ulagy arkaly iberilýänlere bölmek bilen, iberilýän, gelýän we üstaşyr geçirilýänler boýunça aýratyn sanda berilýär.

Üstaşyr poçta boýunça maglumatlar (23, 24, 29, 30, 37, 38) daşary ýurt poçta gulluklary bilen halkara poçta alyş-çalşyny göniden-göni amala aşyrýan halkara alyş-çalyş nokatlary tarapyndan doldurylýar. Halkara alyş-çalşynyň görnüşleri boýunça hasaba alyş aragatnaşyk kärhanalarynda her gün uçdantutma hasaplamak bilen ýöredilýär.

**Söwdanyň, ulagyň we aragatnaşygyň statistikasy müdirligi**